**Aşgabat, 2025-nji ýylyň 24-nji ýanwary:** 2025-nji ýylyň 20-24-nji ýanwary aralygynda BMGÖM we Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň “Maliýe bazarlaryny ösdürmek üçin institusional we düzgünleşdiriji gurşawy güýçlendirmäge ýardam bermek” atly bilelikdäki taslamasynyň çäginde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň we Aşgabat biržasynyň hünärmenleri üçin üç günlük seminar geçirildi.




Esasy mowzuklar “Gymmatly kagyzlar bazarynyň mazmuny we bazar ykdysadyýetindäki orny” we “Gymmatly kagyzlar bazaryny düzgünleşdirmegiň global arhitekturasyndaky halkara standartlary we iň gowy tejribeler” boldy. Gatnaşyjylar gymmatly kagyzlar bazaryny döretmegiň we ony düzgünleşdirmek ulgamyny ösdürmegiň amaly taraplaryny, şol sanda beýleki ýurtlarda öwrenip bildiler.

Mundan başga-da, BMGÖM-niň halkara we ýerli hünärmenleri Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň we Aşgabat biržasynyň wekilleri bilen duşuşyklary geçirip,

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2025

öňdebaryjy tejribäni öwrenmek we ony halkara standartlaryna laýyk getirmek arkaly Türkmenistanyň gymmatly kagyzlar bazaryny mundan beýläk ösdürmek üçin duşuşyklar geçirdiler.

Geçirilen çäreler BMGÖM-niň Türkmenistanyň gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmek ugrundaky milli hyzmatdaşlary bilen hyzmatdaşlygynyň başlangyjyny goýdy, bu bolsa Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň institusional we düzgünleşdiriji kuwwatyny güýçlendirmegi, kanunçylygy kämilleşdirmegi, gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmek maksatnamasyny işläp düzmegi we depozitariý döretmäge taýýarlyk görmegi öz içine alýar.

Все права защищены